# Gözleriñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gözleriñ GÖZLERIŇ

Ýaşaýyşyň çeşmesidir,
Seniň gözleriň-gözleriň.
Akyl-huşuň çaşmasydyr,
Seniň gözleriň-gözleriň.

Mähir paýlap baksa jaýdar,
Berer maňa ysgyn-mydar,
Gazaplansa işim gaýdar,
Seniň gözleriň-gözleriň.

Oýnaklasa nur çaýylar,
Äleme çyrag saýylar,
Süzülende baş aýlanar,
Seniň gözleriň-gözleriň.

Hiç manysyz bakmaz maňa,
Nazar sowsaň ýakmaz maňa,
Al ýüregim dak ýakaňa,
Seniň gözleriň-gözleriň.

Sözlär Illi, ýalňyz başyň,
Isläp barsam çola daşyň,
Bolsun ömürlik syrdaşym,
Seniň gözleriň-gözleriň. Goşgular